# Unudyş

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Unudyş UNUDYŞ

Käte unudýaryn seni ezizim,
Duýman galýan ýüregimiň boşanyn,
Deň bolup dur sensiz,
Ýaşanym,
Ýaşamanym.

Käte unudýaryn seni ezizim,
Unudýaryn ýylgyrşyňy, sesiňi,
Soňky gezek bagra basyp ysganym,
Unudýaryn ysyňy.

Käte unudýaryn seni ezizim,
Uýalýaryn şonda goja söýgüden,
Söýgi dälmi duýgularmy saýradan?
Söýgi dälmi ynsanlygmy beýgeden?

Käte unudýaryn seni ezizim.
Unudýaryn gözleriňi, eliňi,
Haýsy dilde gürleşerdik ikimiz,
Unudýaryn diliňi.

Käte unudýanym seni ezizim,
Utanjym!
Eý unutmak,
Sen ynsana berilen bir uly gençmiň?

Seni unutmasam neneň ýaşaryn,
Men özümden boşaryn,
Käte boşamasa bendi ýüregim.
Neneň,
Ýollar aşaryn,
Käte bozulmasa,

Aýak yzlarym.

Käte unudýaryn ezizim seni,
Unudýanym üçin bagyşla meni.

Ybrahim B. 2006 Goşgular